# Dik başaşaklygyna gidip barýas: Şu günümize-de zar ýagdaýa geleris

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Dik başaşaklygyna gidip barýas: Şu günümize-de zar ýagdaýa geleris DIK BAŞAŞAKLYGYNA GIDIP BARÝAS: ŞU GÜNÜMIZE-DE ZAR ÝAGDAÝA GELERIS




Arada dost-ýarlar bilen bile dynç alyş zolaklarynyñ birine gitdik. Dostlarymyñ biri dynç alynýan zolagyñ bar ýerini aýlanyp çykdy.
Gaýdyp gelende, «oturmak üçin bezelen stollardan diñe birinde et gördüm» diýdi.
150-ä golaý stoldan we girdejisi umuman alanda erbet däl Egeý etraplarynyñ gürrüñini edýärin.
Serediñ, öñler tomusda pomidor bol bolardy, arzan bolardy. Öýlerde gyşlyk salatlar ýapylardy, tomat gaýnadylardy.
Bamiýa (абельмош) arzan bolardy, guratmak üçin kileläp satyn alynardy.
Her naharda noýba iýerdik.
Indi bularyñ birem galmady.

Kartoşka, sogan sanalyp alynýar.
Halk bolup açlyk çekýäris, iýjegimiz-içjegimiz, ertirki tapjak bir döwüm çöregimiz gaýgy.
Saçagymyzdan lukmalarymyz ogurlandy.
Çagalarymyz iýesi gelen zadyny iýip, geýesi gelen zadyny geýip bilenok. Gedaý ýurda öwrüldik.
Ýurduň üç tarapy deňizler bilen gurşalan. Garadeňiz, Ortaýer deňzi, Egeý we Mermer deňizleri – hersi aýry-aýry gözellik.
Ine, şol gözellikleri görüp bilýän ýok.
Dynç alyşa gitmäge puly ýoklaryň görkezijisi 71,6%-e ýetipdir.
Sarp edijiler soýuzy federasiýasynyň geçiren bir barlagynyň netijesi bu.
Emma esasy gyzykly netije şu: Geçen ýyl dynç alyşa çykyp bilýänleriň daşary ýurtda dynç alyp gelmegi meýilleşdirýänleriň derejesi 41% bolsa, bu ýyl 3%-e düşüpdir.
Bu nämäni aňladýar, bilýäňizmi?
Türkiýe dünýä ligasynda iki liga aşaklygyna birden düşdi diýmegi aňladýar.
Dollar boýunça-da düşewüntlerimiz gözgyny ýagdaýa düşdi.
Hemmeler başyny başga ýurtlara atyp dynmagyň gaýgysyna düşendigi üçin hiç kimse wiza-da berenok, hiç ýere butnabam bilemzok, şolar ýaly masgaraçylykly ýagdaýymyz bar.
Döwlet derejesinde alanda jinnek ýaly abraýymyz ýok. «Türk» diýseň, bütin dünýä ernini gyşardyp seredýär.
Pikir etseňizläň, pensiýa haky 250 dollar. Gelmişekler ol pula bir jübüt köwüş satyn alýar. Soňra ol köwüşleri geýip bärik gelýärler, özlerine amatly bahada kän-kän ýerlerimize aýlanýarlar, dynç alýarlar, köçelerde ýa ahwalymyza gynanýarlar ýa-da bizin üstümizden gülýärler, soňra ýurtlaryna gaýdyp barandan soň ýurdumyzyň düşen gözgyny ýagdaýyny gürrüň berýärler.
Hawa, nebite baý ýurtlardan Stambula gelip, biziň üstümizden gülüp ýörenleriň wideolary günde-günaşa sosial mediýa çykyp dur. Köçelerimizde diňe şolar ýaýnap gezip bilýär. Adamlarymyz öýlerine şolara kireýne berjek bolup garabaşlaryna gaý. Olar öýlerini şolara berip, özleri onda-munda ýatyp-turup ýörler.
Ýaş gelin-gyzlarymyz boýy bilen jelepçilik batgasyna batdy.
Bikanun işlere, parahorluga, neşe söwdasyna, ogurlyga ýüz urýan ýaşlaryň sany barha artýar.
Ýurduň çar künjüne täze türme gurup ýörler. Ýurdy şeýle ýagdaýa getirdiler.

Hawa, häkimiýetdäki bäş-üç sany adam daş-töweregine üýşüren şeýhleri bilen bu ýurdy ýigrimi ýyldan gowrak wagtlap it soýan ýaly soýdy.
Ýurduň milliardlarça dollaryny götlerine çaldylar. Ähli baýlygyny taladylar. Indem bu zatlaryň awusyny halka çykardýarlar. Salgylary köpeldýärler.
Öňki salgytlar az bolýan ýaly täze-täze salgytlary oýlap tapýarlar.
Girdeji salgydyny alanoklar, her dürli salgytlar bilen halkyň egnine münýärler.
Bir halta una, bir halta şekere Koç hem, onuň işçisi hem şol bir salgydy töleýär.
Bu her dürli salgyt diýilýän musallat dünýänin iň adalatsyz işidir. Her dürli salgytlary köpeldip gidip otyrlar.
Imperialistleriň we olaryň ýerlerdäki hyzmatdaşlarynyň eýeçiligindäki banklar pul spekulýasiýasy bilen her ýyl düşewüntlerini sekiz esse köpeldýär. Olaryň girdejilerine el urup bilýän ýok. Bar güýçleri diňe garyp-gasarlara ýetýär.
Ýer yranma howpunyň garşysynda Stambulyň şäher-gurluşyk işlerini-de talaňçylygyň, urha-urlugyň täze görnüşine öwürdiler. Kelleleri diňe bähbide çapýar.
Adamlarymyz bolsa gün geçdigisaýy gedaýlaşyp barýar. Hemmeleriň gazanjyndan ogurladylar, pensionerlere berilýän ölmez-ödi pul açlyk geçirmegiň bäriýanyna ýetdi. Ýurt iň pes aýlyk hakyny alýanlaryň ýurdy.
Bir mahal garrylar pensiýasy bilen iki-üç çagasyny ýokary okuw jaýynda okadyp bilen bolsa, indi kireýine ýaşaýan jaýy beýlede dursun, okuwynyň töleg pullaryny töläp bilenok.
Saýlawlardan öň aldawaç hökmünde köpelden pensiýa haklaryny indi iki esse edip gaýdyp almagyň gaýgysyny edýärler. Adamlarymyzy dilegçä öwürdiler.
Sosial taýdan kömek sorap ýüz tutýan maşgalalaryň sany barha artýar.
Üç köpük üçin adamlaryň mertebesini püçege çykarýarlar.
Bäş manatlyk gymmaty ýok adamlara bäş aýlyk birden berilýär. Olam az bolýan ýaly aýagynyň aşagyna gulluk awtoulagy berýäris, haly düşekçe serýäris. Olar alýan para-peşgeşlerini goýmaga ýer tapanoklar. Şeýle-de bolsa, SMA (Spinal Muskoler Atrofiýa – bogun distrofiýasy) keseline ýolugan çagalarymyza derman tapamzok, olaryň ene-atalaryny häkimlikden ýörite rugsatly dilegçi edip, köçeleriň ugrunda dilegçilik

etdirýäris.
Bize görübilmezçilik edýär diýilýän Angliýa SMA dermanlaryny tölegsiz paýlamagy ýola goýýar, biz nämüçin kinniwanja bäbekleri sadaka mätäç ýagdaýda goýýarys?
Nämüçin Mehmet Jengizgilleriñ ýüz milliardlarlarça liralyk salgyt bergisi geçilýär?
Nämüçin näme bolsa, diñe garyp-gasarlara, işçilere, zähmetkeşlere bolmaly?
Bu soraglaryñ jogaby häzirki häkimiýetiñ hüý-häsiýetini we nämä hyzmat edýändigini añladýar.
Serediñ, açyk gürläýin, men Taýýip Erdoganyñ soñky saýlawy nähili gazanandygyna düşünip bilmedim.
Dürli sebitlerde düşündirilmän galan ses derejeleri bar, oppozisiýa saýlaw döwrüniñ üstünde deñeçerligi saklap bilmedi we netijede Taýýip Erdoganyñ elinde ýene bäş ýyllap ejir çekjegimiz mälim edildi.
Emma ýurdumyzyñ bu häkimiýet bilen ýitirjek bäş aýy-da ýok.
Dik başaşaklygyna gidip barýas, belli bir wagtdan soñ şu günümizem gündiz eli çyraly gözlemeli ýagdaýa geleris.
Dünýäniñ nebsi agyrylýan halklaryndan biri bolmakdan halas bolmagymyz üçin bizi bu ýagdaýa iteren häzirki häkimiýetden halas bolmak gerek.
Hemmeleriñ şeýle jogapkärçilikli duýgy bilen aýaga galmaly döwrüni başdan geçirýäris…
Hakan GÜLSEWEN,
@gulsevenhakan

Penşenbe 17.08.2023 ý.

*Ilýustrasiýa: Mashable Publisistika*